***Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda ýurt Garaşsyzlygymyza 34 ýyl dolýar. Bu taryh üçin gysga döwür. Şeýle-de bolsa, geçen ýyllaryň içinde ýurdumyzyň ýeten derejesi, Watanymyzda ýetilen sepgitler, gazanylýan üstünlikler, bolup geçen ösüş-özgertmeler asyrlara barabardyr.***

Baş baýramymyza uly ruhubelentlikde barýan günlerimizde Garaşsyzlygyň gazananlaryna nazar aýlanymyzda göwün guşumyz ganatlanýar, akylymyz haýrana galýar. Watanymyzyň keşbi düýpgöter özgerdi, täze, döwrebap şäherdir şäherçeler, obalar bina edildi, iri we kuwwatly önümçilik toplumlary guruldy. Watandaşlarymyz bu zatlaryň hözirini görüp, bagtyýarlykda, bolelinlikde ýaşaýar, zähmet çekýär, gurýar.

Eziz Watanymyzyň deňsiz-taýsyz ösüşlere, belent sepgitlere beslenip, dünýäniň iň öňdebaryjy döwletleriniň hataryna goşulmagy mukaddes Garaşsyzlygymyzyň ajaýyp miwesidir. Hormatly Prezidentimiziň halkymyza peşgeş eden Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri Garaşsyz Türkmenistanyň täze taryhyna altyn harplar bilen ýazylar. Çünki bu döwürde Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda syýasy, ykdysady, oba hojalyk, ylym-bilim, sport we medeni taýdan ýetilen belent sepgitler ýurdumyzyň görlüp-eşidilmedik derejede gülläp ösmegine, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuşynyň has-da gowulanmagyna, netijede bolsa, Garaşsyz Watanymyzyň dünýäniň kuwwatly we hemmetaraplaýyn durnukly ösýän döwletleriniň birine öwrülmegine getirdi. Döwlet maksatnamalarynyň üstünlikli amal edilmegi bilen dünýä ülňülerine laýyklykda gurlan döwrebap etraplar, şäherler we obalar döredi. Paýtagt şäherimiz dünýäniň iň owadan şäherleriniň birine öwrüldi. Gahryman Arkadagymyzyň asylly başlangyjy bilen gurlan sebitde deňsiz-taýsyz «akylly» şäher—Arkadag şäheriniň dabarasy dag aşdy.

Gahryman Arkadagymyzyň döwletli başlangyçlary, hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen ýurdumyzyň bu günki ýeten belent derejesi biz — ýaşlaryň kalbyny joşa, ýüregini heýjana getirýär hem-de täze üstünlikere ruhlandyrýar. Ulus-ilimizi röwşen geljege alyp barýan, Watanymyzyň şan-şöhratyny arşa göterýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň we Milli Liderimiziň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak bolmagyny arzuw edýäris.

**Laçyngözel ABAÝEWA,**
**S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026